# Sent-Ekzýuperiden pelsepewi damjalar

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Sent-Ekzýuperiden pelsepewi damjalar SENT-EKSÝUPERIDEN PELSEPEWI DAMJALAR

«Güller näzik we eýjejik ösümliklerdir. Olar özlerini howpsuz duýmak isleýärler we tikenleriñ özlerini goraýjy gorkunç ýaragdygyna ynanýarlar…»

* * *

«Millionlarça ýyl bäri goýunlar gülleri-de tikenleri bilen birlikde iýip gelýärler. Eýsem bu gülleriñ häli-häzirlerem tikenim bolsun diýip çytraşmaklarynyñ sebäbini anyklamak ähmiýetsiz hasaplanýan işlerdenmika?..»

* * *

«Adam bir güli söýse, millionlarça ýyldyzlaryñ diñe birinde şol ýekeje gül gunçalasa, ol ýene-de şol ýyldyzlara bakyp özüni bagtly duýar we öz-özüne: «Ynha ol ýerde, şo-ol ýyldyzlaryñ birinde meniñ gülüm bar»

* * *

«Adam hiç wagt öz gülüni diñlemeli däl. Ol öz gülüne diñe bakmaly we ajaýyp ysyny içine dartmaly…»

* * *

«Geçip barýan biri üçin meniñ gülümiñ başga güllerden hiç hili tapawudy ýok. Emma ol meniñ üçin ýüzlerçe gülden gymmatlydyr. Çünki men ony suwladym, daşyny goradym…»

* * *

«Adamlaryñ indi oýlanyp ýörmäge wagtlary ýok. Dükanlardan islän zatlaryny satyn alýarlar. Emma dostluk satylýan dükan bolmandygy üçin olaryñ dostlary-da ýok…»

* * *

«Gaplañlar ot iýmeýär.»

* * *

«Men gaplañlardan gorkamok. Çapgyn ýellerden gorkýan.

* * *

«Çapgyn ýeller… Bu gülleriñ iñ gorkuly düýşi…»

* * *

«Uly haýwanlar barada aýdanda… Men olardan gorkamok. Goranar ýaly penjelerim bar.»

* * *

«Ol patyşalar üçin bar zadyñ nähili kiçijek görünýändigini bilenokdy. Patyşalaryñ gözüne hemme adamlar gul bolup görünýär…»

* * *

«Men generalyma çarlaga öwrül diýip buýruk bersem, olam mundan ýüz dönderse, bu generalyñ däl-de, meniñ ýalñyşlygymdyr…»

* * *

«Öz-özüne ýokary baha berip ýören adam hemmeler özüne ýokary baha berýärmikä diýip pikir edýär…»

* * *

«Men size ýokary baha berýärin. Ýöne munuñ siziñ üçin ähmiýeti näme?!.»

* * *

«Ýer adaty bir planeta däldir. Ol ýerde (garaýagyz patyşalaryda hasaba almak bilen) tutuş 111 patyşa, 7.000 geografiýaçy, 900.000 işewür, 7.500.000 alkaş, 311.000.000 özüne aşa göwni ýetýän adam ýaşaýar. Ýagny 2.000.000.000 adam…

* * *

«Hakykaty adamyň diňe ýüregi görüp bilýär. Gözler asyl görülmesi gerek zady görüp bilmeýär».

* * *

«Gülüňi saňa ýakyn görkezýän zat, onuň üçin sarp eden wagtyňdyr».

* * *

«Diňe çagalar nämäniň ugrunda gezip ýörendiklerini gowy bilýärler… Bir çagany birnäçe sagatlap oýnatsaň, ol saňa höwrüger. Soňam biri ony seniň eliňden almaga synanyşsa, ol derrew aglamaga başlar…»

* * *

«Kiçijik şazadanyň mende galdyran has täsirli tarapy: onuň uklap ýatyrka-da öz gülüne, bütin barlygyny bir çyranyň şöhlesi ýaly ýagtyldan bir gülüň hyýalyna bolan baglylygydy…»

* * *

«Adamlar… nämäniň ugrunda gezip ýörendiklerini bilmän, ýyndam otlulara münüp, eýläk-beýläk aladaly haýdaşyp ýörler…»

* * *

«Adamlar… Bir bagda bäş müň sany gül ösdürip ýetişdirýärler. Emma asyl gözläp ýörenlerini ýene-de tapyp bilenoklar».

* * *

«Asyl üns berilmeli zat – göz bilen görüp bolmaýan zatlardyr…»

* * *

«…Gijelerine asmana bakarsyň. Hemme zadyň kiçijik görünýän planetajygymyň ýerini saňa görkezip bilmerin. Belki, görkezmezlik has gowsudyr. Ýyldyzym seniň üçin adaty ýyldyzlar ýaly bolsun. Şeýdibem asmandaky ähli ýyldyzlara bakmagy halarsyň… Hemmesi seniň dostlaryň bolar…»

* * *

«Ýyldyzlar hemme adamlaryňky. Emma her adam üçin bir bolman biler. Ýolagçylar üçin ýyldyzlar ýol görkeziji. Beýlekilee üçin diňe asmandaky ýylpyldylardyr. Alymlar üçin bolsa olaryň hemmesi aýry-aýry problema. Işewürler üçin baýlyk. Ýöne hemme ýyldyzlar sessiz. Sen… Diňe sen ýyldyzlara özgelerden başgaça eýelik edip bilersiň.»

* * *

«Ýyldyzlaryň birinde men ýaşaryn we kämahal gülüp goýbererin. A saňa bolsa asmana bakanyňda hemme ýyldyzlar gülýän ýaly bolup görüner!»

* * *

«Wagt geçip gaýgy-gussaň könelşende, meni tanaýanlygyň üçin özüňi elmydama bagtly duýarsyň. Dostum bolup galarsyň. Meniň bilen bile gülmek islärsiň. Munuň üçin mahal-mahal penjiräni açarsyň… Tanyş-bilişleriň asmana bakyp penjiräniň öňünde ýylgyryp durandygyňy görseler haýran galarlar! Olara «Hemişe ýyldyzlar meni ýylgyrdýar!» diýeniňde, seni däli hasap ederler…»

* * *

«Ýylanlar erbet niýetli jandarlardyr. Olar seni diňe keýp üçin çakýarlar… Ýöne olaryň ikilenç sokmaga zäherleri galmaýar.»

Antonio de SENT-EKSÝUPERI «Kiçijik şazada» powestinden.

Toplan: Has TÜRKMEN. Sözler